AŞYR HANOW

# ÝÖR, DEŇZE GIDELI...

Goşgular ýygyndysy



AŞGABAT 2017

## Awtordan

Çagalykdan ýalňyzlyga imrinipdirin. Dört diwaryň içinde, gulagymda gulaklyk, telefonda pessejik, gussaly saz we meniň syýahatym başlaýar. Men sähelçe wagtda ýer ýüzüne syýahata gidýärin. Meniň hyýallarym islendik reallykdan gyzykly. Meniň hyýallarym hakyky. Meniň hyýallarym maňa bagt, söýgi, şatlyk berýär. Men-hyýallarymyň baky tussagy.

Ýöne, durmuşda hyýallardan çykyp, reallyga (orslar oňa realnost diýýär) gadam basmaly ýeri hem bolýar. Ana, şo ýerinde söweş başlaýar. Erk bilen seniň araňdaky darkaş.

Başarsaňyz, hyýaly dünýäden çykyp, hakyky dünýä bilen ýaşap başlaň. Durmuşy duýuň. Durmuş göz öňüne getirilip däl-de, eýsem duýulyp başlanda has gözel. Çykyň, dost-ýarlaryňyzy, ýakynlaryňyzy hoş söz bilen garşylaň. Söýüň. Söýüliň. Duýuň...

Bu zatlary nämeden diýýärkä? Eýsem, bulary bilmeýänem barmyka diýip, geň görüp oturmaň. Ine, şu okan kitabyňyzyň awtory öz hyýaly dünýäsinde ýaşap, hakyky we hyýaly dünýäleriň arasynda, iki dünýä owarrasy bolup ýören adam. Goşgularymyň aglabasy gussaly, närazylyk bilen ýugrulan. Ýöne, meni ýakyndan tanaýanlar meniň durmuşymyň hiç bir ýerinde gamlanmaga esas ýokdugyny bilýändirler. Onda näme beýle diýýäňizmi?

Şony özümem bilemok...

## Kakama

Ol gün gar ýagypdy diýýär ejem-ä,
Şondan başga ýokdur meger, bilýänem.
Dönüp misli gelnaljyly kejebä,
Kaka, girendirin seniň dünýäňe.

Gijelerne aglap ýatan däldirin,
Uklap bilmän, ýürek-bagryň ýakansyň.
Belki, seň göwnüňe ýeten däldirin,
Belki, her dem buýsanç bilen bakansyň.

Aýak bitip, ýörjen-ýörjen bolansoň,
Oýnandyryn öýe köwlenip bilmän.
Belki-de sen menden nadyl bolansyň,
Öwretjek zatlarňy öwredip bilmän.

Bar zat geçdi gitdi sil ýaly bolup,
Günleriň kirini ýuwdy ýagyşlar.
Başarmadyk bolsam il ýaly bolup,
Kaka, kelpez perzendiňi bagyşla!

Serimde ýaşlygyň yşky gaýnaýar,
Bilmedim joşgunmy ýa boş salgymmy?!
Durmuş derýasynda boýum boýlaman,
Ýa-da deň-duşlamdan üzlüp galdymmy?!

Günleň tüweleýne erk edip bilmän,
Gökde gaýyp ýören tozga ýaly men.
Bilmedim, nireden serime gelýär,
Öz ykbalym üçin özge ýaly men.

Kalbymyň gül açyp, joşmaly wagty,
Deprege däl, aşyk boldum gyjaga.
Meger, şonuň üçin Aýdan-a ýagty,
Gijedenem ylham girýär gujaga.

Gynanma, joşaryn sil ýalyp bolup,
Köňülleň gussasyn ýuwar ýagyşlar.
Wah, men başaramok il ýaly bolup,
Ýalňyşýan bolsamam, meni bagyşla!

***

## Terkidünýäniň aýdymy

Derýa deý batlanyp akýar pasyllar,
Kenaryň boýunda çöküp galdym men.
Aýdyň dost-ýarlara, garaşmasynlar,
Goý, geljege ýetirsinler dadym meň.

Ömrüm meni alyp barýar gam taýa,
Garyp göwnüm mätäç oldy söýege.
Ne-hä saňa wepa berdim, Hudaýym,
Ne-de özüm galyp bildim aýaga.

Arzuwlarym aç towugyň düýşi deý,
Ýöne şolam uly ezýet boldumy?!
Gözlerim çygjardy, ýüregim süýşdi,
Ýakymsyz ýatlama tutdy kalbymy.

Ädimlerim ädilerden asgyndyr,
Höwesim ýok gozganmaga ýerimden.
Beýle terkidünýä däldim aslynda,
Kim bilýär nämeler tutdy serimni.

Gollam zol-zol asman sary geriler,
Huw-hak diýip, çöle çyksam näderin?!
Bu boluşda, hyýal inip serime,
Meger, bir gün sumat bolup giderin.

Derýa deý batlanyp akýar pasyllar,
Kenaryň boýunda çöküp galdym men.
Aýdyň dost-ýarlara, garaşmasynlar,
Goý, geljege ýetirsinler dadym meň.

***

## Galamdaşlaryma

Biz owadan gürlemegiñ ussady,
Biz söze erk edýän millet, dostlarym.
Ýöne göwne çöken agyr gussany,
Hiç bir söz gowzadyp bilmez, dostlarym.

Bir-biregiñ goşgularyn okaşyp,
Göwünlik berýäris, edýäris tankyt.
Boýmuzdan ýokaryk böksegem näçe,
Entek bendi edip bilemzok halky.

Sebäbi, adamlar bez boldy indi,
Yşk hakdaky goşgularyñ baryndan.
Olara üýtgeşik poeziýa gerek,
In bolmanda, habar alýan halyndan.

Pyragy beýikmi, Puşkin beýikmi,
Ezizow güýçlümi, güýçlümi Kerim.
diýen jedel il içinde at salýar.
A biz hakda welin...
Biz hakda welin...

Käte- käte gazet- žurnal ýatlaýar,
Öz aýagmyz bilen barsak oña-da.
Häzirki şahyrlañ (bagyşlañ welin)
Ýarsy gepleşikde, ýarsy tamada.

Diýmek,
Bize bir zatlar-a ýetenok.
Ýa-da bir zat artyk.
Añlamak gerek.

Ýa-da iñ bolmanda kesir täleýi
Başga bir zatlara baglamak gerek.

Biz owadan gürlemegiñ ussady,
Biz söze erk edýäs,
Ýöredýäs höküm.
Iñ esasy sorag: Işimiz bilen
Azaldyp bilýäsmi ýürekleñ ýükün?!

Her kim şu soragy bersin özüne,
Hem özünden talap etsin adyllyk.
Iñ bolmanda aýdyñ, nijeme gezek
Ylham gelmän, kärimizden basyldyk?!

Ýazjak bolsak ýüreklere gireli,
Özge zada imrineli ýogsa-da.
Biz- owadan gürlemegiñ ussady,
Şahyr bolan bolsadyk...

***

## Goşgyny satmaň!

Tämiz duýgy bilen ýugrulan şygyr,
Duşan tebibi deý melhem adama.
Gülkünç bolar, ýazylmasyn goşgular,
Taýyn sazyñ, taýyn heñiñ badyna.

Bolmaz gursagyñda uklan duýgyny,
Eliñ bilen oýandyryp, güýjedip.
Setirleri paýlap ýörmäñ manat deý,
Saklañ ony toşap kibi süýjedip.

Goşgy kalpda çoýun kimin taplansyn,
Saklansyn ol bir mukaddes syr kimin.
Okyjylar gözläp tapsyn goşgyny,
Ummanlaryñ düýbündäki dür kimin.

Arzysy bolmaly her bir setiriñ,
Şahyr haryt däldir, nyrhy bolmaýar.
Eger toý süýji deý seçeläp ýörsek,
Şygryñ warsakydan parhy bolmaýar.

Şygyr tämiz bolsun, päk bolsun, ony
Mukaddes zatlaryñ deñinde saklañ!
Çigit satyñ,
mata satyñ,
gül satyñ,
Ýöne, haýyş edýän, goşgyny satmañ!

***

## Atalaryň ojagyny dargatmaň!

Atalaryñ ojagyny dargatmañ,
Dargatmañ siz önüp-ösen öýñüzi!

Atalañ yhlasy sinen ojaklar
Elmydama ýalkap dursun goý,bizi!

Ol ojaklar mukaddesdir onda her
Ädimiň aýdym deý owazy bardyr
Metjitdir ojaklar, aýaň metjidi,
Sogaby bardyr!

Oglanlar!
Ýüregňizde hyjuw kändir, gidiň siz
Gözleglere, uly- uly şähere.
Ýöne, mahal-mahal, bar işi goýup
Tapyň yza dolanmaga bahana.

Ojaklarňyz tozan basyp ýatmasyn,
Geliň, gapyňyzy açyň siz giňden!
Bagt daş ýerde däldir, tapyň siz ony
Obadaş adamlaň ýüreklerinden!

Saňa näme gerek şulardan gaýry?
Iň gymmatly zatlaň duluňda bolsa?!
Dostum,
belki ýalňyş ýoldan barýansyň?
Çagajyklaň gözi ýolunda bolsa.

Salgyma kowmalyň,
Henize çenli,
Çözen ýokdur dünýäň ähli matalyn,
Ojaklaň ýylysy gitmesin, dostlar,
Dargatmalyň ojagyny atalaň.

***

## Dostum M.B.-e

Bu günler surat deý ýadyñda galar,
Şu goşgymam - bu günleriñ möhüri.
Okarsyñ soñ bir gün, gussalañ dagap,
Şatlygyñ ýüzüñe ornan säheri.

Günler bir derýadyr, nähilem bolsa,
Joşundan, duşundan geçersem weli,
Ýöne, hergiz menden nägile bolsañ,
Dostlugyñ şanyna geçir sen meni.

Bolup geçýän zatlañ emmasy bilen,
Ýadymda, kän gezek igenenligiñ.
Meñ özümem bilýän, temmäki bilen,
Başyma ýetjegne bigeleñligiñ.

Häzir bu zatlaryñ ýokdur peýdasy,
Esasy zat- öñde ýatan menziller.

Biz bir derwüş, öňde yşkyň meýdany,
Biz- deňizçi täleýleriň deňziňde.

Ýöne, ömür film däldir, gapdaldan,
Saradyp, soňuna sereder ýaly.
Bize köňül çökgünligne batmazdan,
Ylham gerek bir zat döreder ýaly.

Duýgyň ylhamyňa päsgel bermesin,
Öňdeleň içinde adyň bolmasa.
Ykrar edilmezlik däldir erbedi,
Kyn- ýüze tutarlyk zadyň bolmasa.

Ýokuş deger maksatlardan el çeksek,
Arzuwlar - bir, emma ýollar çaprazdyr.
Ynamym bar yranmajak, geljekde
Biz ýeňeris, kynçylyga bakmazdan.

Garaz, bar zat öz ýerine geler soň,
Düýnüň gujagyna girer pursatlar.
Ýatla meni gama batsaň, begenseň,
Hem ýüregňi häzirki deý dury sakla.

Bu günler surat deý ýadyňda galar,
Şu goşgymam - bu günleriň möhüri.

Okarsyñ soñ bir gün, gussalañ dagap,
Şatlygyñ ýüzüñe ornan säheri.

***

## Gije

Galar gije bagra basyp
Dişlenen Aýdyr, ýyldyzy.
Ýalňyzlyk bilen ýatlama
Gujagyna alar bizi.

Öçügsi şemiň yşygy
Biten ýaraňy azdyrar.
Geçmişden galan pursatlar
Serimizde goş ýazdyrar.

Zaryn skripkaň owazy
Äkider bizi geljege.
Biz hyýalda sataşarys:
Kenar. Öý. Açyk penjire.

Gaýyşyp ýören çarlaklaň
Bu gün owazy gussaly.
Otyr kenarda bir goja
Hyýalyň baky tussagy.

Ol ertekiň gahrymany
Tylla balyga sataşan.
Ony balygyň şerti däl
Ýykdy yşkynyň ataşy.

Çarlaklaň gussasy dynar,
Arzuwna ýeter goja-da.
A bizi bolsa sary Gün,
Ýene hyýaldan boşadar.

Çünki daň agarýar, dünýäň
Dogup ýene bir ertesi.
Bolup galaýdykmy, dünýäm,
Soňy duýdansyz erteki.

Howlukma,
Aý ýüzli ýarym,
Gije bagryna basanda
Dişlenen Aýdyr, ýyldyzy.
Geljege äkider bizi...
Gaýtadan başlarys baryn.

***

## Ahmyr

Bir umydym köýer meniñ,
Bir islegim galar paşman.

Mümkin, ysgyndan gaçyp, soñ
Bilmerin gaýtadan başlap.

Bir ädimim yetmez, belki,
Aýdylman galar bir aýdym.
Täleý diýip ezizlänim,
Belki, salgyma golaýdyr.

Düz yerimiñ dokuz däl-de
Sekizem bolmagy mümkin.
Ýoluma kynçylyk, gussa
Sepilen bolmagy mümkin.

Bir derde hamrak bolaryn,
Bir ýerde galaryn güýçden.
Bir sözüm galar diñlenmän,
Aý, olam hiç-le...

***

## Gözleriňden özüm tapman kösendim

Gözleriňden özüm tapman kösendim,
Iň soňunda boýun aldym ýeňlenmi.
Gursagymy gussa bilen çişirdim
Gursagym däl, gabaklarym ýellendi.

Arzuwlarmy düýne berdim meýletin
Gujak-gujak ahmyr aldym deregne
Ir-giç adamlary ýadadýan eken
Yşkam bolsa, düşüp dursa bir egne.

Gözleriňden özüm tapman kösendim,
Başarmadym ykbalyma baglabam.
Men derdimi aýdym edip aýtdym,
Daglar biler ýüregimde dag baryn.

Deňizleriň tolkunyna bat berdim,
Derdimi paýlaşyp goňras kenara.
Meniň saňa aýdyp bilmän kösenen,
Sözlerimdir- iňňildisi şemalyň.

Gözleriňden özüm tapman kösendim,
Golum salgap, gitdim onsoň düze men.
Kalbymdaky saňa bolan yşkymdyr
Gyzyl güller- ýaşyl sähra ýazylan.

Ýüregime çöküp galdy umydym,
Duýdum kalbyň meniň üçin darlygyn.
Didäňe ýerleşip bilmedim, dünýäm,
Bilmedim, bijämde näme barlygyn...

***

## Ejeme hat

Kalbymdaky mähir senden bolmaly,
Ony birçak hüwdiň bilen guýansyň.
Biribardan etjek dilegleriňem,
Ogluň täleýine baglap goýansyň.

Gijeler goluňda göterensiň sen,
Özüňden özgäge dözmäniň üçin.
Ejejan, ýolumda kynçylyk ýokdur,
Maňa derek baryn çözläniň üçin.

Edýän işlem aňsat bolup durandyr,
Gowuşansoň edýän dileg- dogalaň.
Wah,ejejan, saňa galsa, berersiň,
Öz paýyňa düşýän ähli sogabam.

Nurana, mähirli ýylgyrşyň bilen,
Gaýgymy-gussamy tirip ýörsüň sen,
"Oglum daş ýerlerde ýalňyz bolmasyn"
diýip, düýşüme-de girip ýörsüň sen.

Bilmedim, dogrumy ýöreýän ýolum,
Bilmedim, üstünlik golaýmy-daşda.
Bir bilýänim: derhal syzýar ýüregiň,
Eger bardy-geldi mejalym gaçsa.

Kalbymdaky mähir senden peşgeşdir,
Kynçylyksyz ýolum- maňlaýda deriň.
Eje, saňa bergim çenden geçmişdir,
Ýetişmesem näderin?..

***

## Ejemden gelen hat...

Ýylgyrdym, hatyňy okap, onsoňam,
Gözüme dolandyr gözýaşym, oglum.
Sen aýry ömürli ynsan bolsaňam,
Seň ýaşajak ýaşyň- öz ýaşym, oglum.

Gijeler golumda göterdim seni,
"Duýsun!" diýip ýüregimiň ýylysyn.
Ýagşy niýetlere atardym seni,
Derdine ýarara iliň- ulusyň.

Tüweleme, çykarmansyň ýadyňdan,
Çaga wagtyň aýdyp beren hüwdülem.
Özüň aýdýaň- arzuw bolýar adamda,
Men seni döretdim arzuwym bilen.

Çagalykdan geçdiň, indi iliňi
Söz bilen däl, yşkyň bilen jadyla.
Bardy- geldi durmuş bükse biliňi,
Birmahalky hüwdim düşsün ýadyňa.

Şatlygyňy paýlaş,
paýlaş gussaňy,
Özüňem ýeňlärsiň, ýeňlärin menem.
Ýaşa, döret gursagyňda besläniň,
Özüňe mynasyp owazyň bilen.

Kömek et başarsaň, juda bolmasa,
Özgeleň göwnüne degmegin, oglum!
Bar zat gowy bolar Alla goldasa,
Hergiz gara başyň egmegin, oglum!

Onsoňam, ýalňyşma, ejesi bilen
Ogluň arasynda bolmaz haklaşyk.
Sag-salamat oka, etjek dilegim:
Allam seni penasynda saklasyn.

***

## Jaň et!

Saralan surata seredip siňe,
Ýatlama çümersiň ýaprak gaçanda.
Köşeşer gidersiň- sen maňa jaň et,
Ýalňyzlyk başyňy tutsa haçanda.

Ýaz gelip, meýdana çykasyň geler,
Içiňi dökmäge asman astynda.

Çagyr meni, ýüregiňi diňle-de,
Gelerin bar bolsam ýeriň üstünde.

Hatyrasy üçin hoş geçen günleň,
Başarsaň, ýüregňe etme ikilik.
Özümi bir ömür bagyşlap bilmen,
Eşitsem gözlerňe gussa çekeniň.

Gaýgyly bolmasyn aýdýan aýdymlaň,
Täleýde şonsuzam ýeterlik gam bar.
Soňky duşuşykda aýdyp gaýdanlam,
Saňa kyn günüňde bolsun howandar.

Gijeler düýş görüp, gorkup oýansaň,
Ynan onuň ýönekeý bir düýşdügne.
Bilýän, kem- kem ýatlamaňam goýarsyň,
Göz ýetirip indi ýanmaň giçdigne.

Barybir, geçmişe seredip siňe,
Başyňy ýaýkama duşdan geçenne.
Açylar gidersiň,
sen maňa jaň et,
Ýalňyzlyk başyňy tutsa haçanda.

***

## Dostuma (S.Hommadowa)

Aýyp etme ýatdan çykyşýar diýip,
Hezil geçen günler, berilen sözler.
Dert saýyp ownujak gussalary-da,
Kä eziz zatlaram salýarys gözden.

Şu gün saňa hat ýazasym geldi meň,
Geldi saňa ýüregimi dökesim.
Daşarda ýaz ýagşy ýuwup ýör ýeri,
Myžžyk edip ýaşyl baglaň ýakasyn.

Bu ýerler kem-kemden ýylap başlady,
Hä diýmän gül ysy ýaýrar igdeleň.
Nesip bolsa, çöle gitmek meýlim bar,
Başa ýorgan çekip ýatmaga derek.

Günlerden täzelik gözläp ýadadym,
Hyýalym gurady, höwes kesildi.
Kalbyma birgeňsi ýakynlyk duýýan,
Tozan basan pianinoň sesinde.

Günleriň bir güni öçýän ekeniň,
Lowlap ýanyp duran ojar bolsaňam.
Indi az ýazýaryn öňkülerimden,
Gündelik ýöredip başladym soňam.

Telim kitaplaryň açyp gatlaryn,
Manysyn tapamok oraşan düýşleň.
Ömrüň aýny pillesinde-
ýaşlykda
Hyjuwly ýüregem galypdyr güýçden.

Nämedir bir zatlar ýetenok kalba,
Ýa nämedir bir zat gidipdir artyk.
Gijeleň ýaryny ýazyp geçirýän,
A galan ýarsyny- ýazanmy ýyrtyp.

Ýöne, umydym bar, hoş günleň heniz,
Arzyly sepgit deý öňdeligine.
Şeýle bir gün geler- giňär gursagym
Soň ýyrtyp zyňaryn gündeligimem.

Sen henizem bolsa, aýyp etmegin,
Gaýta, göwünlik ber, goşup goşandyň.
Sen entek-entekler ýatdan çykmarsyň,
Ýeri bolýar, hat ýazyp dur, hoş onda!

***

## Saňa

Umman deý gözleňde azaşdym, dünýäm,
Derde duçar boldum kürek- gaýyksyz.

Gürlegendim, birden lal açdym, dünýäm,
Diliň doňýar, yşkda işiň gaýtsa.

Durun indem gözleriňe seredip,
Şondan özge ýerden rahatlyk tapman.
Süňňüm gowşap,
hyýal dolýar sere-de,
Arman, bar bilenim içimde saklap,
Ýanyňa bir ädim süýşüp bilemok,
Iki oduň arasynda galdym men.
Iki sözi jemläp, işip bilemok,
Ne döw çaldy, öňler beýle däldim men.

Ýigde gelişmejek ýygralygymy,
Bildirmäýin diýip, gülüp durun men.
Bagtyň üç ädimlik aralygyny,
Geçip bilmän, bagrym dilip durun men.

Bar zady öňünden bilip durun men,
Söz gatmasam, gaýyp bolup gitjegiň.
Her gözüň düşende ölüp durun men,
Täleý ýüregime atýar pitjiňin.

Umman deý gözleňde azaşdym, başym
Belaga ýolukdy birentek, dünýäm.

Gürlegendim, şu hal lal açdym, basym
Aýdyp bererin men, dur entek, dünýäm.

***

## Ahwal

Düýşlerim düşnüksiz indi,
Hyýallam- öçen ot meniň.
Kalpda telim ýatlamadan,
Özge baýlygym ýok meniň.

Bilmedim, nädip ýolukdym,
Beýle ykbala, täleýe.
Yşkyň çölünde çolukdym,
Indi şoňa-da däl eýe.

Gapjyk deý boşady kalbym,
Ýalňyzlyk dürtýär böwrümi.
Aýdym bilen ýamap ýörün,
Indem eleşan göwnümi.

Misli göçülen ýurt kibi,
Gursagym galdy eýesiz.
Ýürekdeş tapamok, ýogsam,
Kän zatlar gelýär diýesim.

Düýşlerim juda düşnüksiz,
Hyýallam - çöken ot meniň.
Kalbyma çöken derdimden,
Özge baýlygym ýok meniň.
***
Dünýä gujagmy geremde,
Gözümi açdy Erenler.
Yşka köňlüni berenleň,
Düňlesi kän eken juda.

Puç boldumy bar bilenim,
Zeminde galdy dilegim.
Elhepus, bezzat pelegiň
Dymmasy kän eken juda.

Ýagşa tutup niýet-pälim,
Heniz dolanmakçy däldim.
Şowlulyga barýan ýollaň,
Iňňesi kän eken juda.

Utuldym, tutuldy dilim,
Bialaç salgadym elim.
Durmuş- täze gelen gelin,
Ýeňňesi kän eken juda.
***

## Ejeme

Dört- bäş aý geçipdir eýýäm
Şähere diýip gidenme.
Duýdansyz geldim. Sen diýýäň:
"Gowy bordy jaň edeňde"

"Wah, nahar taýyn däl" diýip,
Ýörsüň ylgaşlap, howlugyp.
Synladym esli, görmäge,
Üýtgän zadam ýok howluda.

Egniňdäki köýnegiňem,
Kän geýlip, reňki solupdyr.
Wah, ejem, ownuk zady-da
Dert saýyp ýören bolupsyň.

A men aňyrda- şäherde,
Sesim gatalyp gün-günden.
Meýlis guryan kafelerde,
Gomparyp iliň öňünde.

Nahar dannan bolýan käte,
Çilim gysdyryp ernime.
Ýeňles gyzlaň gülküsinden,
Mydam sämäp dur serimem.

Hawa, men bilmedik bolýan,
Derdini köne tünegiň.
Şäheriň mes howasyndan,
Niçik gatapdyr ýüregim.

Ýadymda geçen baýramda,
Beren köýneklik matamy.
"Gelnim geýer-dä toýdan soň"
diýip, sandyga atanyň.

"Eje, bir täzeje köýnek
Tikinäý senem" diýsem-de.
Başymy sypap diýýärsiň:
"Bor-la toýuňda geýsem-de."

Ogluň gara bokurdagy
Doýsa bolýar - bar aladaň.
Men bolmasam,
aýda bir gez,
Gidip oňýaň bazara-da.

Aýlykdan aýlyga çenli
Toplap zähmet azabyny.
Mana ugradýaň, men bolsa
Sowýan, bilmän hasabymy.

Günälerim çökder, eje,
Bakyp bilemok gözüňe.
Seň bolsa şol ylgap ýörşüň,
"Wah,meniň garagözüm-ä,
Ýadansyň,
Şunam iýdejik
Ýatyp dynjyňy al" diýýäň...

...Şähere diýip gidenme
Dört-bäş aý geçipdir eýýäm.

Bar zat şol öňküsi ýaly,
Del zat ilenok gözüme.
Wah, ýöne birneme ýygyrt
Düşüpdir, käbäm, ýüzüňe...

***

## Hoşlaşyk

Hoşlaşyk sözüni aýtman gaýtdym,
Söz nämä gerekmiş aýrylmak üçin.
Aslynda, söz
Ulanylýar
Bialaç
Düşünşip bolmasa
aýdylmak üçin.

Bar hakykat aýna ýaly gözlerden
Düşüp durka ýüreklere serpilip,
Agramy diller däl, gabaklar çekýär,
Düşer bar dert myžžyk bolan kirpige.

Hoşlaşyk sözüni aýtman gaýtdym,
Bolardy bolmanda diýemde "hoş gal".
Ýöne.
Biz bar zada gözden başlapdyk,
Başlapdyk bu yşka dilleri goşman.

Söz artykmaç,
Bu çak dymmak-teselli,
Ömürlik geçmişde galanyñ üçin.
Hoşlaşyk sözüni aýtman gaýtdym,
Sözsüzem bar zady añanyñ üçin.

Ýyllar geçer, galñar geçmiş ýumagy,
Gürrüñ üýşer bir- birege aýdara.
Ykbal işi, ýolda-yzda sataşsak,
Bilýän, bir söz diýmän aglap gaýdarys.

Owadan söz bilen hoşlaşylmaýar,
Gülkünç bagt dilemek galdyryp gamda.

Men saña bir sözem aýtman gaýtdym,
Emma sen bar zada düşündiñ şonda.

***

## Gördüňmi...

Eliñden gidirip arzyly zadyñ,
Dünýäñ derdi bilen aglap gördüñmi?
Gözden gam inende,
Soralsa halyñ
"Aý, gowu-la" diyip aldap gördüñmi?

Gijelerne ýalñyz galyp gördüñmi,
Ýyldyzly köýnegin synlap asmanyñ?
Gülkiñe gussañy garyp gördüñmi,
Bendi bolup em tapylmaz ahwala?

Gördüñmi ýodany yzarlap ýüp deý,
Nämedir bir zady küýsän mahalyñ?
Awunyp gördüñmi minnetli gepden?
Gyş bolup gördümi ýaşyl baharyñ?

Käte-käte adam gözläp gördüñmi?
Elewräp gördüñmi ýüregiñ gysyp?
Uzak menzillere ugrap gördüñmi,
Kiçijik haltañy arkañdan asyp?

Dañylyp gördüñmi soñsuz soraga,
Jogap tapman, ýüregiñi çişirip?
Garaşyp gördüñmi kimdir birine,
Gije-gündiz garap ýatyp işige?

Bulutdan syrygyp, ýagyş ýaganda,
Gussalañ bar zatdan çykýarmy üstün?
Çyndanam şeýlemi?
Gutlaýan onda-
Biz meñzeş ekenik,
Hoş geldiñ, dostum!

***

## DOSTUMA

Ýör, deňze gideli,
ýa-da sährada
Ot ýakaly agaçlary üýşürip.
Bilýäň-ä sen, kalba çöken gussany
Bolmaz oturgyç deý gyra süýşürip.

Ot rahatlyk berer ot deý gursaga,
Deňizde tolkun bar derdim deý güýjän.
Bar zady buşluk deý aýdyp gaýdaly,
Rahat asmanynyň astynda gijäň.

Biz kän ýerde ýalňyşypdyk,
Ýogsa-da,
Ýalňyşmaýan barmy?! Bormy ýalňyşman?!
Albom gatyndaky suratlar ýaly,
Ähli geçen zatlar ýadyma düşýär.

Günler sabrymyzy synady, soňra
Çagalykdan böwsüp çykdyk ok ýaly.
Sähel zada gülüp ýörjek wagtymyz,
Özümiz saýladyk şeýle ykbaly.

Ýaz gelse, güýzleriň agysyn aglap,
Güýzde geljek ýaza garaşdyk ýördük.
Zyýanly endik deý, gussa imrinip,
Soňra onuň bilen göreşdik ýördük.

Bu zatlar oýun däl, häzir bulary,
Kagyz däl, ýüregmi dilip ýazýaryn.
Gazeta çykarjak goşgularymy
Ejem okar öýdüp, gülüp ýazýaryn.

Göwnün ýykyp bilmän telim ülpediň,
Meýhana-barlara gatnap ýörün men.
Bir gün derdim diňlän tapylar diýip,
Bar zady içimde saklap ýörün men.

Gussam gursagymyň töründe, Ony
gizläp telim suwjuk gülküler bilen.
Diňe hilesini öwrenmek üçin,
Dostlaşdym ençeme tilkiler bilen.

Köne tanyşlarym tilki saýdylar,
Tilki däldigimi bildi tilkiler.
Kän gezek baş alyp gitjek boldum men,
Özümi bagyşlap bilmän ilkiler.

Aýdara gürrüň kän, diňläre gep kän,
Bolmanda, ekeris telim bolsady.
Ýör, deňze gideli, dostum, eglenme,
Ot ýak, ýogsa-da...

***

## Men ýene hoşlaşyp ýola düşýärin...

Men ýene hoşlaşyp ýola düşýärin,
Münüp mawy demir atyñ böwrüne.
Goşhaltam çörekli, serim hyýally,
Üýtgeşik öwüşgin gözläp ömrüme.

Kem-kemden kiçelip dönýär nokada,
Obam- birmahalky oýnan düzlerim.
( Çigit deý göwnüme tapman aramy,
Men mydam bagtymy daşdan gözledim )

Käte tapdym, kä ýitirdim bagtymy,
Ötegçi şemal deý gezdim aýlanyp.
Ýeñles meýlislere paýlap wagtymy,
Kän kösendim, başarmadym aýñalyp.

Men ýene hoşlaşyp ýola düşýärin,
Baglap umydymy ýagty geljege.
( Ah, göwün-dä, uly dünýä syganok,
Sygyp dar biçüwli, ýuka penjege.)

Goşhaltamda çörek, serimde hyýal,
Gün ýaşmanka başga ýerde düşlärin.
Gözlerimi gözýetime tutduryp,
Men ýene hoşlaşyp ýola düşýärin.

***

## Saňa

Tomus geçip, güýz geldigi,
Durnam bolup gidersiñ sen.
Soñsuz aýralyk derdine,
Gurban bolup gidersiñ sen.

Umyt bilen garaşanym,
Päk hyýaldyñ, garaçynym!
Söýgiñ salan ýarasyna,
Urnam bolup gidersiñ sen.

Galar duýgulam ymsyna,
Kalba dünýä deý gam sygar.
Bozulyp, aglap, hamsygyp,
Arman bolup gidersiñ sen.

Peşgeş berip ahmyr-ahy,
Köz ekeniñ gursakdaky.
Şum takdyra ýazlan baky,
Perman bolup gidersiñ sen.

***

## Ejeme...

Telefondan gelýär seniñ mähirden,
Aladadan dolup duran owazyñ:
"Oglum, galyñ geýin, üşäýme birden,
Bilip bolmaz güýz gününiñ howasyn!"

Asmana bulutlar üýşüpdir, meger,
Ýagyş ýagyp, giñ köçeler eziler.
Şonda, arman bolup kalbyma siñen,
Duýgulam baş bermän, gider kejime.

Nämedir bir zady küýsärin hem-de
Uzyn asfalt ýoly giderin boýlap.
Asman aglap bolup, ýagyş diñende,
Ötegçi şemallar saçymy oýnar.

Kalbyma müñ dürli hyýal ekerin,
Ellerim kisämde, gözüm asmanda.
Ähli zatdan dilgir bolýan ekeni,
Adam öz-özüne dözüp başlanda.

Telim soraglarym galar jogapsyz,
Soñsuz gussa bilen ot alar içim.
"Şu günler adamlañ kalby sowapdyr,
Üşäýme!" diýsene, mähriban ejem!

***

## Güýz...

Tomus, gör, nirlere çykyp gidipdir,
Albomlarda surat baryn galdyryp.
Howa salkynlapdyr, duýulýar indi
Öñde aýaz bilen gyşyñ bardygy.

Tämiz ýagşyñ ysy gelýär howadan,
Pamyk ýaly ak bulutlar üýşende.
Şemalyñ ugruna gyşaran baglar,
Ýaşyl pyntyklary görýär düýşünde.

Gök asmanda uçup barýar durnalar,
Dönüp misli hatar-hatar kerwene.
Agaçlardan gaýyp düşen ýapraklar,
Meñzeş yere ýorgan edip berlene.

Baglar ýegşeripdir, ýapraklar bolsa,
Telim ýuwlan mata ýaly solupdyr.
Durnañ gözi ýaly tämiz gök asman,
Sähel zada aglap duran bolupdyr.

Çigrek howa bilen dolýar otaglar,
Hem duýgular kakýar kalbyñ taryny.
"Güýzde ýöne ýere gussa batylmaz"
Biz geçen ýazlaryñ çekýäs zaryny.

Asman bilen derdinişýäs, aglaşýas,
Şygyrlarmyz ýaprak bolup gaçanda.
Ýitiren zatlarmyz ýadym(y)za düşýär,
Hatar gurap, gökden durna geçende.

***

## Duýgulam şem bolup ýanyp gutarar...

Duýgulam şem bolup ýanyp gutarar,
Nokady goýulman galar şygrymam.
Ýene başym sallap ýola düşerin,
Ýadan aýaklarmyñ äden ugruna.

Tanap deý ýodalar äkider meni,
Mährem gujagynda gizlär dereler.
Hiç kim eşitmejek pyşyrdy bolup,
Derdimi asmana aýdyp bererin.

Şonda ýagyş ýagar, bulutlar üýşer,
Şemal oýnar bulam- bujar saçlarym.
Ak çägä ýaplanyp uklap galamda,
Hydyr ata bolup girersiñ düýşe.

Alaçsyz men- duýgularma däl eýe,
Kän köseňýän gelip bilmän aýgyda.
Şygyr edip ýazyp ýörün täleýim,
Gala guryan öz daşyma gaýgydan.

Aral deý çekilip, gutarar duýgym,
Şygrym soñlap bilmän kösenerin men.
Ýene başym sallap ýola düşerin,
Derdimi paýlaşyp köçeler bilen.

***

## Hoşlaşyk

Bu rahat obadan gitsem-de, ony
Oýnap ýören çagalara galdyryp.
Bilýän, bilmez meni özge ýerleriň
Suwy hem howasy asla gandyryp.

Gumaksy ýollaryň, pessejik jaýlaň,
Öçügsi yşyklaň geçip deňinden.

Duýýan barýanymy ýeňmäge däl-de,
Oýunjak bolmaga dünýäň elinde.

Oglanlyk höwesi, ýaşlyk ýelgini:
Dar görünýär gernip ýatan ýaýla-da.
Biz birçak bu ýerde oýnar ýörerdik,
Arzuwlar ederdik soňun saýmadan.

Bar zat yzda galdy, öňümde diňe,
Gözýetime uzap gidýän gara ýol.
Golumy galgadyp "Hoş gal!" diýýärin,
Bezzat şemal saçlarymy daraýar.

Ejemiň ýol üçin ýapan nanynyň,
Siňýär ysy egne atan penjegme.
(Men bilýän, soň bir gün, bar zatdan irip,
Ýene-de şu oba gaýdyp geljegmem.)

Barybir, ýaş başa düşen bu höwes,
Däl baş beräýmeseň, eýgerer ýaly.
Ädimlermi has çuň basyp barýan men ,
Gaýdamda yzymy saýgarar ýaly .

***

## Çagalyk

Seredip doýmadym synlap daşyndan,
Jykyrdaşyp, oýnap ýören çagalaň.
Şeýle ysnyşypdyr, birek- birekden,
Aýry gamy, şatlygy-da ýok olaň .

Olar çäksiz bagtly, erkin, şadyýan,
Nur saçylýar töwerege ýüzünden.
Birmahalky çagalygmy gördüm men,
Olaň bagtdan ýanyp duran gözünde.

Şol gussasyz günlerimi küýsedim,
Ýatlamalaň gatlaryny dörüp men.
Hat-da agşam uzyn gije düýşüme
Şirin, eziz çagalygym giripdir.

Ilki kyndyr boýun almak - başyňdan,
Şagalaňly çagalygyň sowlanyn.
Soň köşeşýäň, görüp , ýeriň bireýýäm,
Eýelänne bir kiçijik oglanyň.

***

## Ýigit

Müň hyýal myhman serine,
Kalby göçgünli ýaşlygyň.

Gözlegindedir ýaş ýigit,
Mydam şähere aşmagyň.

Obaň asuda durmuşy,
Däl indi oňa güýmenje.
Ýokuş degjek ýaşulylaň
Biri ýerliksiz igense.

Iş, okuw, täze tanyşlyk,
Bahana gytmy gitmäge?
Howlugýar ýigit gün-günden,
Arzyly bagta ýetmäge.

Şäherden gelen myhmanlar,
Oň üçin hormatly hasam.
Kim bilýär, belki-de biri,
Eder arzuwyny hasyl.

Artýar gün-günden höwesi,
Gutaryp barýar sabry-da.
Ol alyp goýdy bireýýäm.
Şäherli ençe tanyşlaň,
Ýaşaýan ýerni salgy-da.

Ýigit şähere howlugýar...

## Deňizde

Ýap-ýaňy-da rahat süýnüp ýatyrdy,
Goja deňiz kenaryna ýaplanyp.
Birden tupan turdy, gozgady deňzi,
Başlady ol gazap ata atlanyp.

Tolkunlar bat bilen urulýar daşa,
Gidýär olar käte göge syçrabam.
Meňzeş deňiz bir bakyşda däliräp,
Tutuş durky bilen yşka uçrana.

Gözi gülüp duran ketjal tüweleý,
Bir barmagy bilen çaýkaýar deňzi.
Ýuwulyp, ýuwulyp, solup gidipdir,
Gojaman kenaryň gojalan meňzi.

Gaýyp ýör deňizde ýelek deý, ylla
Bölek-bölek tagtalary gaýyklaň.
(Juda howply boljak parahat deňiz,
Bir pursatda çyksa elden-aýakdan.)

Deňiz kem-kem haýallady, köşeşdi,
Hem başlady rahat ukyň dowamy.

Meňzeş häzir goja deňiz däliräp,
Ýanyp, ýanyp, yşk derdinden sowana.

***

## Çagaňyza saz çalmagy öwrediň!

Çagaňyza saz çalmagy öwrediň,
Öwrediň siz joşup aýdym aýtmagy
Çünki mukam jana peşgeş göwrede
Duýgularyň derýa kimin gaýtgyny.

Göwünleri awlap bilsin ogluňyz
Mahmal owaz göwünleriň hoşudyr.
Çagalykdan toýçy bolsun, bolmasa
Soň başarmaz il içine goşulyp.

Aýdymçylar, sazandalar elmydam
Bolar iliň hormatlany, goldany.
Ýüregini aýdym bilen bejersin,
Gözlemesin başga zatdan daldany.

Dutar ýigdiň ýürekdeşi, syrdaşy,
Gamly çagyň aýdym açar göwnüňi.
Aýdym- biziň ganymyza ornaşan,
Yhlas etseň, kän kösenmez, öwrener.

Aýdym- gudrat, kalba lezzet getirýän,
Çyn bagşylar gerek ähli döwre-de.
Ata-baba sungatyny ýitirmäň-
Çagaňyza saz çalmagy öwrediň!

***

## Dostuma...

Bolmasa hiç ýürekdeşiň, dertdeşiň,
Durmuş mydam ezýet berer gerdene.
Ýanyp, ýanyp şahyr borsuň bolmanda,
Eger hiç kim düşünmese derdiňe.

Jinnek ýaly peýda bolmaz ýerliksiz,
Kinaýadan, öýke bilen gahardan.
Adamlary ýagşy päle iter sen,
Ýamanlara ýagşylyk et başarsaň.

Şonda her kim bolar senden minnetdar,
Günleň hasam gözelleşer şonda seň.
Alkyş okap geçer saňa ömürlik,
Kyn gününde bir bendäni goldasaň.

Adamlary razy etmek- dereje,
Iň arzyly bagt ol owal-ahyrda.
Ýeterlik däl öz derdiňe tutaşmak,
Il derdine ýanyp bilen şahyrdyr.

## Unutmak

Bakylyk barada söz berme maňa,
Diýme:”Söýgim- bir ömrüňe ýeterlik!”
Sen uçup gidersiň durna mysaly,
Gyş gelende gök asmana göterlip.

Çaý deý sowar gyzgyn söýgiň mähiri,
Ýazan hatlam bukjasynda köneler.
Galar diňe köýnegimde gözleňden,
Biygtyýar typyp gaýdan däneler.

Salgym bolup görner onsoň geçiren
günlermizden galan süýji ýatlama.
Sen, gör, kimleň yşky bilen ýanarsyň,
Ýüregiňi açarsyň sen ýatlara.

Sen gidersiň boş galdyryp dünýämi,
Aglap-aglap dönerin men buluda.
Gorkýan.
Çünki bilmen seni barybir,
U N U D Y P...

***

## SMS

Aý astynda duşuşmamyz ýok biziň,
Ýok sowgatlar, şirin-şirin wadalar.
Böwrümi diňledip ýanyp ýörün men,
Gysga hem çuň garaýyşlaň oduna.

Gözleriňden jogabymy gözleýän,
Duçar bolup “Söýgi” atly kesele.
Ýok, gelenok.
Gelýär diňe her gün agşam ýatmankam,
“Gijäň rahat bolsun!” diýen SMS.

Gijelerim müň mertebe asuda,
Telim görýän düýşlerimem süýji meň.
Ýöne, welin, biraz bagtym gijigen.

Säherlerne seni ýatlap oýanýan,
Gündizlerne gözlerimiň gözlegi.
Bilýäňmi sen, gün ýaşarna howlugyp,
uzynly gün sekunt sanap gezýänim,
okamaga şol arzyly sözlemi ?!

Aý astynda duşuşmamyz ýok biziň,
Ýok wadalar, şirin sözler, gezelenç.
Ýöne, maňa umyt berýär şeýlebir,

Her gün agşam buşluk bolup okalýan
“Gijäň rahat bolsun!” diýen SMS.
***

## Dostuma...

Başymda müň pikir-sowal
Çözgüdim bolup gel, dostum!
Dile dogam, alna togap,
Sözlügim bolup gel, dostum!

Ýollar, ýodalar, menziller,
Goý, bize başyn egsinler!
Köňlümi gussa kertende,
Dözmezim bolup gel, dostum!

Bakyp zaryn dideleňe,
Mümkin, kän zat “diýdirerler”,
Ýalňyz hem tüm gijelerme,
Gözlegim bolup gel, dostum!

Iki jahanda tekrarym,
Ynanjym hem täk ykrarym,
Umydym, ähtim, dikrarym-
Gözlerim bolup gel, dostum!
***

## Erteki

Bilýäňmi, ikimiz şeýle erteki,
Gam laýyna batan başdan aýagna.
Çagalara okap berip bolmajak,
Erteki biz, bizi diňe okanlar,
Ýüreklerniň törlerinde goýarlar.

Biz şeýle erteki- gudratdan azat,
Ajy gözýaş bilen ýuwulan sahna.
Biz şeýle erteki- Leýli-Mejnunyň,
Kalbyna sygmadyk gussasy hakda.

Akyla sygmajak gahrymanam bok,
Biz ikimiz hem düşnüksiz duýgular.
Mährimiz bar, ýöne "mähribanym" ýok,
Bakyýa çen aýralygy buýrulan.

Başlangyjy-da ýok, ahyry-da ýok,
Güneşi bar, ýöne asla dogmajak.
Bilýäňmi, ikimiz şeýle erteki
Müň däl, million gijelere sygmajak.

Biz kesir, kesirlik yşkyň öňüne,
Böwet bolýan bir düşnüksiz ýol eken.
Bilýäňmi ikimiz şeýle erteki,
Bir bar, soňam hemişelik ýok eken...